***Türkmenistanda raýatlaryň eýeçilik hukugy «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda we beýleki degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde ýüze çykýar. Kanuna laýyklykda, Türkmenistanda raýatlaryň eýeçilik hukugy döwletimiz tarapyndan ykrar edilýär we ol kanun arkaly goralýar.***

Raýatyň eýeçiligi onuň önümçilige gatnaşmagyndan we özüniň zähmete bolan başarnyklarynyň gaýry ygtyýar edilmeginden, telekeçilik işinden, şahsy hojalygynyň ýöredilmeginden alan girdejileriniň hem-de karz edaralaryna, paýnamalara we beýleki gymmatly kagyzlara goýlan serişdelerinden alan girdejileriniň, miras boýunça we ýurdumyzyň kanunçylygyna garşy gelmeýän gaýry esaslar boýunça emlägi edinmeginiň hasabyna döredilýär we köpeldilýär. Raýatyň emlägi, miras almaga hukugy ykrar edilýär we kanun tarapyndan goralýar.

Zadyň eýesi emläge eýeçilik etmek, ony peýdalanmak we oňa ygtyýarlyk etmek boýunça öz ygtyýarlyklaryny başga bir şahsa geçirip, emlägi girewiň närsesi hökmünde peýdalanyp ýa-da ony gaýry usulda borçlandyryp, öz emlägini beýleki şahsyň eýeçiligine ýa-da dolandyrmagyna geçirip biler, şeýle hem öz emlägi babatda döwletimiziň kanunçylygyna garşy gelmeýän islendik hereketleri amala aşyrmaga haklydyr.

Raýatlaryň birleşiginiň eýeçiliginiň obýekti gatnaşyjylaryň goýumlarynyň, telekeçilik işinden we beýleki kanuny çeşmelerden alnan girdejileriň hasabyna döredilýär. Raýat öz eýeçiliginde durýan emlägi, bu maksat üçin ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işi üçin ulanyp biler. Raýat tarapyndan bilelikdäki telekeçilik işi üçin maşgala agzalarynyň we (ýa-da) beýleki raýatlaryň emlägi ulanylan halatynda, öndürilen önüm we alnan girdejiler, eger olaryň arasyndaky şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, olara umumy paýly eýeçilik hukugynda degişli bolup durýar. Raýat öz emlägini paýdarlar jemgyýetlerine, hojalyk jemgyýetlerine, kooperatiw we gaýry kärhanalara, raýatlaryň we ýuridik şahslaryň beýleki birleşiklerine goýumy hökmünde peýdalanmak bilen telekeçilik işini amala aşyryp biler.

Ýurdumyzda raýatlaryň eýeçiliginiň eldegrilmesizligi, goragy we olaryň ösdürilmegi, şertleriň döredilmegi kepillendirilýär. Zat eýesiniň Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda, öz eýeçilik obýektini keseki biriniň bikanun eýelemeginden talap edip almaga hukugy bardyr, zat eýesi özüniň hukugynyň islendik bozulmalarynyň, hatda bu bozulmalar eýelik edilmeginden mahrum etmek bilen baglanyşykly bolmadyk hem bolsa, düzedilmegini talap edip biler. Eýeçilik hukugynyň goralmagy kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

**Göwher ANNAMYRADOWA,**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň talyby.**

Все права защищены